# Hakdan içen

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hakdan içen

HAKDAN IÇEN

Onuň özi diri wagty, ol hakda mahabatly makalalardyr gepleşikler kän ýazylmandy diýen ýaly. Ol döredijilik işgärleriniň birentegi ýaly şöhrat üçin ölüp-öçüp barmandy. Ol hakyky sungata bütin düýrmegi bilen berlipdi.
Meniň bu ýazgym bagşy Döwletgeldi Ökdirow hakda. Bu parlak ýyldyz hakda entek-entekler köp zatlar ýazylar.
Bu saýrak bilbiliň bokurdagyndan çykan şirin owazlar entek'entekler adamlara güýç'kuwwat berer, çökgün göwünleri galkyndyrar.
Döwletgeldiň garry atasyna Nurmämmet diýer ekenler. Ol ýaşulynyň Amangül diýip aýaly bolupdyr. Nurmämmet täjir bolan. Gökdepe urşy döwründe uzak bir ýerlerden obasyna gaýdyp gelýän eken. Ýolda, jeňňelligiň içinden barýarka bir naçaryň sesini eşidýär. Gözläp barsa, gana bulaşyp ýatan naçaryň üstünden barýar. Onuň ady Amangül. Muny öz obasyna getirýär. Däri-derman edýärler. Wagt geçip, ol Amangüle öýlenýär. Onuňam on bäş ýaşly Şyhnepes atly ýalňyz dogany bar eken. Olam Gökdepe urşunda şehit bolupdyr.
Amangülden ogul bolýar. Oňa-da öz doganynyň adyny dakýar. Sähel wagt geçensoň Amangül ýogalýar. Şyhnepes ene mährine zar galýar. Ölüm ýassygynda ýatan Amangül öz adamsy Nurmämmede:
– Gökdepede meniň Gurbanmyrat atly daýym bolmaly. Bagşyçylykdan başy çykýandyr. Öýlenmedik. Şony gaýrat etde, tapyp getir – diýýär.
Nurmämmet gumuň içinden Gurbanmyrady tapyp, Nohura getirýär. Ol şo ýerde galyberýär. Emma onuň bir aýagy Kesearkaçda bolýar.
Bir gezek toýda Kesearkaç tarapda aýdym aýdanda içegesi gyrlypdyr. Bilini gaty berk çekdiren bolmaly. Pahyr şol ýerde-

de amanadyny tabşyrypdyr. Şyhnepes daýysynyň hatyrasyna öz oglunyň adyna Gurbanmyrat dakýar. Ine, şol Gurbanmyrat bagşynyň ady dakylany bolsa Döwletgeldiň kakasy Ökdir aga bolmaly. «Ol ýaşlygynda eline dutar almasa-da, damana ýolundan aýdym aýdýardy» diýip gürrüň berýärler. Aýratynam çagalar gyzamyk çykaranda, ýa bolmasa daga orak ormaga gidilende göwni joşup aýdyma gygyrýan eken. Onuň örän şirin labzyny adamlar diňläp doýmandyrlar.

Ol özüniň dutar çalyp, märeke sowup bilmeýänine ahmyr edýän bolarly. Maksady «Oglum bolsa bir bagşyçylygy öwredäýsem» diýip ýören bolmaly.

Ýeri gelende aýtsam, nohurly Kel bagşy-da (çyn ady Baýramaly) bu dünýäden juda ir giden Gurbanmyrat bagşynyň hatyrasyna öz oglunyň adyny dakypdyr. Olam ulalansoň Nohur etraplarynda, ondan uzaklarda-da gaty güýçli bagşy bolup ýetişipdir. Arman, gaçha-gaçlyk döwründe ol Eýrana geçipdir.

1939-njy ýylyň baharynda oba adamlary daga çarwa çykypdyrlar. Könekesir obasyndan ep-esli ýerde ýerleşýän Pirdere diýilýän Erem bagyna gaýra dur diýýän jülgäniň Darzow atly burnunda «Ökdiriň ogly boldy» habary çarwadarlary begendirýär. Ökdire bu habary buşlaýarlar. Ol bir sygyr alýar-da, niredesiň Daýna obasyna tarap ýola düşýär. Ol ýerde-de Ýagmyr Käzim diýen dutar ussasynyň öýüne barýar. Olam öýünde ýok eken. Aw-şikara diýip daga çykypdyr. Ökdir aga lapykeç bolup oýlanyp durýar. Sygryny idip, Dostaly bagşynyň öýüne barýar. Oňa habaryny aýdýar. Sygryny goýýar-da, bagşynyň dutaryny alyp gaýdyberýär. Dostalam onuň yhlasynyň uludygyna göz ýetirip, känbir garşy-da çykyp durmandyr.

Gürrüňi edilýän şo dutar häzir Döwletgeldiň inisi Alyhan Ökdirowda.

Alyhan Ökdirow: — Heniz Döwletgeldi çagajyk wagty kakam oňa gonçly gyzyl reňk köwüş alyp beren eken. Şo köwşi Döwletgeldiden soň men, menden soň kiçi inim Tahyr, soň ondan kiçi jigilerimiziň hemmesi geýdi. Ýalňyşmasam, şo köwüş häzirem obada, pürsden asylgy bolmaly. Ýörjen-ýörjen edemizde, barymyz şo köwşi geýipdiris.

Bir gezek uniwersitetiň öňündäki awtobus duralgasyna geldik weli, o ýerde bagşy Ödenyýaz Nobatow duran eken. Men bir gyrada durdum. Döwletgeldi bolsa:
– Halypa, salawmaleýkim! – diýip, onuň bilen gadyrly görüşdi. Saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň Döwletgeldi Ödenyýaz bagşydan:Halypa bu yssyda näme işleýäň? – diýip sorady.
Olam:
– Aý, pohuň gerek diýilse, gyzyl edýärler. Baha alybilmän heläk bolup ýörün – diýdi. Döwletgeldi:
– Halypa, seň özüň giden bir uniwersitetä – diýdi. Mugallymyňam ugry ýog-ow. Şumat men seň mugallymyň bolsam, äkitjek öýüme. Aýdym aýtdyryp-aýtdyryp, soňam zaçýot depderçäňe-de bäşlik goýjak. Aýtmasaňam, ikilik goýaryn – diýip, Ödenyýaz bagşa degdi. Duralgada birsalym gülüşenlerinden soň, Döwletgeldi Ödenyýaz bagşyny öýüne myhmançylyga äkitdi. Sazy gowy çalýar. Köp aýdym aýtdy. Döwletgeldi şonda saryk ýolundan aýdym aýtd-ow! «Ogulbeg», «Şirmaýy darak», «Şelepli durna», «Söwdügim…» Ödenyýaz her sapar Döwletgeldiň «berekellasyny», «taňryýalkasynyny» ýetirýärdi. Iň soňunda ol:
– Döwletgeldi jan, sen öz ýoluňdan aýdyber. Seň öz ýoluň bar-a. Beýlekiler ýaly iliň aýdymyny aýtmak saňa nämä gerek – diýdi.
– Eger sen şeýdip aýtsaň, onda bizi çöreksiz goýarsyň – diýip, degşip aýdanam bolsa, onuň çyny ýaly gördüm.
Ödenyýaz akga diri. Onuň şo wagt şeýdip aýtmagynyň özem Ödenyýazyň mertliginden, halypalygyndan habar berýär. Içigara adam beýdip aýtmaýar. Men şuny halypanyň Döwletgeldä beren örän uly bahasy diýip düşünýän.
Döwletgeldi özi diri wagty hiç wagt halypalaryň ýolundan aýdan aýdymlaryny efre bermedi. Ýogsam ol Hydyr bagşynyň, Nobat bagşynyň, Girman bagşynyň, Magtymguly bagşynyň, Sygan bagşynyň, Oraz Salyryň… aýdymlaryny aýdýardy. Hatda Nurberdi Gulowyň aýdymlaryny aýdanda halypanyň özi ýaly bolýardy.
Bagşylaryň agzyna öýkünip aýtmagy men ussatlyga alyp barýan ýol diýip düşünýän. Muny birbada efr üçin däl-de, öz ýanyndan şeýtmeli.

* * *

Döwletgeldi Ökdirowyň öz döreden aýdymlarynyň sany ýigrimi üç töweregi. Ýöne onuň radioda ýazga geçirenleri bary-ýogy on sany. Bu gün il içinde ýörgünli «Deňuz guşum», «Gözellerden zyýada» özi ölensoň ýazgy edildi.

Ol öz döredijiligine örän talapkärdi.

Ýadyma düşýär, ýetmiş dokuzynjy ýylyň tomsunda Döwletgeldi hakda çaklaňja makala ýazypdym. Bu makala onuň öz suraty bilen «Edebiýat we sungat» gazetinde çap edilipdi. Makalanyň gazetde çykangüni, sagat göni dokuzda iş kabinetime girip oturanym hem şoldy welin, telefon jyňňyrdady. Trubkany götersem tanyş ses. Ol ýazyjylar soýuzynyň başlygynyň orunbasary Gurbandurdy Gurbansähedowdy.

– Gazetde Döwletgeldi hakdaky makalaňy gördüm-de, jaň edäýdim. Heniz okamok. Ýöne okaryn. Döwletgeldi meniň sarpa goýýan bagşym. Ýöne nämüçindir, ol telewideniýede gaty seýrek çykyş edýär. Men Döwletgeldiniň bir sagatlyk konsertini telewideniýede ýazgy etdirip biljek. Sen Döwletgeldä aýt, «bolýa» diýse, men Rahman Öweze (türkmen teleradiosynyň başlygynyň telewideniýe boýunça orunbasary) jaň etjek – diýdi. (Gurbandurdy aganyň Döwletgeldi bagşa hormat goýýandygyna soňam ýene bir gezek şaýat bolupdym. Togsan birinji ýylyň başlary bolsa gerek. Radioda işleýärdim. Gurbandurdy aga jaň edýär. Ol Döwletgeldiň aýdan aýdymlaryny kasseta göçürtmegi menden haýyş edýärdi. Men onuň haýyşyny höwes bilen ýerine ýetiripdim.)

Men Döwletgeldi hakdaky aladasy üçin hormatly ýazyja minnetdarlyk bildirdim. Bada-bat Döwletgeldini tapyp, oňa Gurbandurdy aganyň haýyşyny aýtdym. Şonda Döwletgeldiniň göwni göterilip, çaga ýaly begendi. Ýöne birbada bolýa-da, ýogam diýmedi. «Özüm habar ederin» diýdi. Ýöne soňam bu hakda gürrüň gozgamda anyk bir zat aýdanokdy.

Şu ýerde meniň aýtmakçy bolýan zadym, öňem belleýşim ýaly ol birentekleri ýaly şöhrat üçin ölüp-öçüp baranokdy. Sypaýydy. Begenjini, gynanjyny daşyna çykaryp ýörenlerdenem däldi. Hemişe «Az bolsun, uz bolsun» pähimine öz döredijiliginiň baş

maksady hökmünde garaýardy. Ol pöwhe gürlemegi halamaýardy. Biderek jedellere baş uranokdy. Öz döredijiligi bilen baglanyşykly mesele ýüze çykaýanda-da jedelleşip oturmazdy. «Düşünmese men nädeýin?» diýip, ýerinden turup gidibermek häsiýeti ýok däldi. Onuň «Zülpüň» atly öz döreden aýdymy bilen hem şeýle bolupdy. Ol sarpa goýýan sazandalarynyň ikisine täze sazyny çalyp berýär. Olar dilleşen ýaly «bi halk aýdymy» diýýärler. Ol «Bu halk aýdymy däl. Ýöne aýdym köýmesin. Bolýa. Halk aýdymy diýip beräýiň» diýýär. Radioda ýazgy etdirýär. Şeýdibem Döwletgeldiniň öz aýtmagynda «Zülpüň» diýen aýdymy halk aýdymy hökmünde efre berlip başlanypdy. Şondan iki ýyl geçensoň şahyr Nazar Gullaýew bu aýdymyň halk aýdymy däldigi, onuň hut Döwletgeldiniň öz zehini bilen dörändigi hakda metbugatda çykyş edipdi. Nazar Gullaýew Döwletgeldiniň ýakyn dosty bolansoň, bu aýdymyň niçiksi dörändigine gaty beletdi. Nazar Gullaýew şo çykyşyndan soň ýerlerden seslenme bary gowşupdy.
Şondan soň Kompozitorlar soýuzynda bu aýdymyň diňlenişigi bolupdy. Bu ýerde atlyatly kompozitorlaryň öňünde Döwletgeldi «Zülpüň» aýdymyny şeýle bir joşup aýdypdy welin, ony beýan etmäge söz gerek. Şonda soýuzyň prawleniýesiniň başlygy Aşyr Kulyýew ilkinji bolup Döwletgeldiniň elini gysypdy hemde bu aýdym hakda:
– Bu bir ýöne saz däl. Bu – epopeýa – diýip, joşgun bilen aýdypdy. Ýogsamda bolsa, Aşyr Kulyýew ýaly örän talapkär ussatdan beýle sözleri eşiden adam azazdy.
Ýöne şo iki ýylyň içinde «Zülpüň» her gezek radionyň efrine gidende, ol bir tarapdan begense, beýleki bir tarapdan ruhy ezýet çekýärdi. Onuň şahyr Sapar Öräewiň sözlerine döreden «Maral» aýdymy şol ruhy ezýetlerde dörän aýdymdy. Ol «Zülpüň» bir gyrasydy.
Döwletgeldiň üçi güni pata ýerinde ol hakda eşiden gürrüňlerimden:
– Ol köp ýyllap kämilleşdiriş institutynda işläpdi. Bir gezek ol institutyň komandirowkasy bilen Sakar etrabyna barýar. Öý eýesi oňa:
– Döwletgeldi, öz topary bilen Sahy bagşy konsert bermäge

gelipdir. Bararysmy? – diýýär.
– Bararysmy diýmäň näme. Hökman barmaly. Sahy Jepbar, ol türkmen halkynyň genjihazynasy ahyryn. Hökman bararys – diýip, Döwletgeldi aýdýar.
Şeýlelikde, agşamara olar konserte barýarlar. Sahy aga bilen salamlaşýarlar. Konsert başlamazyndan öň klub müdiri oturan tomaşaçylara ýüzlenip, Sahy bagşynyň konsert topary bilen tanyşdyrýar.
Şo wagt oturanlardan biri:
– Nämüçin Döwletgeldi Ökdirowyň adyny tutmadyň. Ol aýdym aýdanokmy? – diýip, gyzyklanyp soraýar. Müdir bolsa:
– Konsetre gelenleriň spisogynda Döwletgeldiň ady ýok – diýip, gödegräk jogap beripdir. Ýöne sorag beren ýigidem öz diýenini gö gertjek bolýar.
Azm edýär. Nämäň-nämedigine düşünmäge ýetişmedik märekede o ýigidiň tarapdary bolup çykyş edýär. Märekäň gopguny peselmeýär. Müdir näçe düşündirjek bolsa-da bolanok. Şonda Döwletgeldi pursaty elden bermän, mikrofonyň golaýyna barýar-da, «ýuwaş» diýen äheňde elini galdyrýar. Märeke dym-dyrs bolýar.
– Essalawmaleýkim, hormatly atalar, eneler, iniler. Men Döwletgeldi Ökdirow diýýänleri. Sylagyňyz üçin köp sag boluň. Ýöne bir zat aýtmakçy. Sahy halypadan birugsat aýdym aýtmaga beýlede dursun, hatda dutara barmagymyda degrip bilmerin – diýýär. – Meniň şu ýere gelmegimiň konserte hiç hili dahyly ýok. Men mekdepleri barlap ýörün. Menem siziň ýaly diňleýji. Hany biziň halypalara, ýaşululara sylagymyz? Biz indi şeýle derejä ýetdikmi? – diýip gürläpdir.
Şonda oturan ýaşulularyň biri ýerinden turup:
– Hak aýdýaň, Döwletgeldi jan. A-how, halaýyk, eşitdiňizmi jogabyňyzy – diýipdir.
Şonda Sahy Jepbar Döwletgeldä:
– Döwletgeldi jan, sen tüweleme asyl ýeriň terbiýesini gören ekeniň. Aperin, sen hiç bagşydan pes däl, beýik bolmasaň. Seň öz ýoluň bar – diýipdir.
Sahy halypa şonda bäş-on aýdym aýdýar. Soňundanam Döwletgeldä ýüzlenip:

– Döwletgeldi jan, gel, senem birki sany aýdym aýt – diýýär. Döwletgeldi halypadan soň aýdym aýdyp oturmagyň gelşiksizdigini aýtsada, Sahy aga ony sahna çagyrypdyr.

* * *

Bir gezegem bir märekede bagşylar hakynda gürrüň gidipdir. Sahy aga-da oturan bolmaly. Döwletgeldiniň tanyşlarynyň biri Sahy agadan «Döwletgeldiň bagşyçylygy nähili?» diýip oslagsyz soraýar. Şonda Sahy halypa:
– Bagşy bolmagyň şertleri bar. Şo şertleri berjaý edip bilýän adam hemişe bagşydyr. Oňa baha bermek hökman däl. Eli ýiti bolmaly. Onuň ýitiligi saç alýan päki ýaly bolmalydyr. Şolam Döwlegeldide bar – diýipdir. – Onuň halk sazlaryny çalşy hiç zadyň çaky däl. Halypalarça çalýar. Bu birinji şerti. Ikinji şerti – ähli halypalaryň ýolundan azda-kände aýdym aýtmagy başarmaly. Ýöne halypadan gowy aýdýan diýip çykyş edibermeli däl. Bu özüň üçin bolmaly. Üçünji şertem, sözden-ä däl, edil harpdan owaz çykarmagy başarmaly. Şonam Döwletgeldi başarýar. Gynansam-da şony menem başaramok – diýipdir. Galyberse-de, Döwletgeldide Hudaý tarapyn berlen şirin owaz bar – diýip, Sahy aga hakyky sözüni aýdypdyr.

* * *

Ýene bir gezek Sahy agadan:
– Halypa, damana ýoly, şirwan ýoly diýýärler, şuň näçe ýoly bar? – diýip sorapdyrlar. Her kim sanap, ony bäşe ýetiripdir. Sahy Jepbar şonda:
– Altynjy ýolam bar. Olam Döwletgeldiň ýoly – diýipdir. Sahy aga Döwletgeldini şeýle eziz görýän eken.

* * *

Döwletgeldi radioda işleýärdi. Ol şo ýerde birnäçe wagt işlänsoň, onda aspirantura okuwa girmek höwesi döreýär. Muny eşiden Sahy Jepbar Döwletgeldä radioda gabat gelýär.
– Döwletgeldi, radiodan gidýämişiň diýip eşitdim. Näme göwnüňe degdilermi? – diýip osmadaklaýar. Döwletgeldem:

– Ýok, halypa. Göwnüme degen adam ýok. Aspirantura girmek höwesim bar. Deňduşlarymyň köpüsi okap ýör. Menem girmesem boljak däl – diýýär.
– Deň-duşlaryň gitse gidibersin. Olar alym boljakdyr. Saňa näme Hudaýtagala bagşyçylygy beripdir-ä – diýse-de Döwletgeldi okajakdygyny aýdýar.
Soň bir wagt gürrüňden gürrüň çykanda Sahy Jepbar: «Döwletgeldi aspirantura gidip nähak edýär. «Garybyň sözi ýer almaz, ýerde de galmaz» diýipdirler. Onuň diňe «Zülpüň» diýen ýekeje aýdymy bir kandidatlyga mynasyp» diýipdir.

* * *

Döwletgeldi kämilleşdiriş institutynda kafedra müdiri bolup saýlanypdy. Şonda Döwletgeldä:
– Kafedra müdiri bolansoň aýdym aýtmagyňy goýbolsun etmeli borsuň – diýdiler. Döwletgeldi hiç zada düşünmän: – O nämüçin? – diýip soraýar.
– Nämüçin, sen indi kafedra müdiri. Raýon mekdeplerine aýlanýaň. Özüňem partiýa agzasy. Bagşyçylyk bu zatlar bilen bir ýere sygyşýan däldir – diýip jogap berdiler.
Ýa-ha aýdym aýtmaly, ýa-da wezipäň we partiýa biletiň bilen hoşlaşmaly. Ýada aýdymyňy taşlamalydy. Döwletgeldem «Bor», diýse-de diýdi welin, ýöne onuň içinde uly harasat gopýardy. Başga bir zat oňa teselli berýärdi: bagşyçylyk onuň özüniňkidi, ýüregindedi. Hiç kim ony zorluk bilen alyp biljek däldi. Şeýdip ol onda'munda bäş-üç aýdym aýtsada, bäşalty ýyllap onuň aýdymlary efirde ýaňlanmady. Döwletgeldi şeýdip akylly hereket etdi diýip hasap edýän. Çünki şo döwürde ol aýak diräp duranlygynda onuň öz iki bähbidindenem dyndaryljakdygyna gowy düşünýärdi. Şeýle hem ol haýsydyr bir ýowuz güýjüň özüni yzarlaýandygyny, islän wagty tüýt-müýt etjekdigine magat göz ýetirýärdi. Çünki gürrüň bu ýerde kafedra müdirligi ýada partiýa bileti hakda däl-de, başga zat barada barýardy. Has takygy, ony şahsyýet hökmünde, zehin hökmünde aradan aýyrmalydy. Gynansak-da, şeýle döwürler bolupdy. Geçdigi bolsun-da, hernä?!

Emma Döwletgeldi öz öňünde goýlan şert bilen näçe ylalaşjak bolsa-da bolanokdy. Başyna inen derdi kim bilen paýlaşmaly? Kimden delalat gözlemeli? Isleseň-islemeseň, bu gaýgy-gussa ony göwnüçökgünlige alyp barypdy.
Ondan öňinçä Döwletgeldä at bermek hakda Garrygala we Murgap etraplarynyň mugallymlarynyň hödürnamasyna-da anyk jogap berilmändi. Göräýmäge, halkyň öňünde hiç hili günäsi hem ýok ýaly.
Döwletgeldi ahyrsoňy näme bolsa şol bolsuna urdy. kafedra müdirligini wagtyndan öň taşlady. Döwletgeldiniň ömrüniň şo döwri hakynda şo döwürde TKP MK-nyň bölüm müdiri bolup işlän Nury Baýramsähedow şeýle mazmunda gürrüň berdi: ol TKP MK-nyň ikinji sekretary Wasiliý Nazarowiç Rykowa dürli bahanalara duwlanyp, zehinli bagşy Döwletgeldi Ökdirowyň aýdymlarynyň efire goýberilmeýändigini aýdýar. Şondan soň ýenede Döwletgeldiniň şirin owazly aýdymlary halkyň gulagyny gandyryp başlaýar.
Soň bolsa bagşy «Bedewlerden saýlanarsyň», «Gözellerden zyýada» atly täze aýdymlaryny radio hödürleýär. Ondada iki gezek hödürleýär. Her gezekdede bahana tapyp, aýdymlary kabul etmeýärler. Şondan soň Döwletgeldi ne radioda, ne-de telewideniýede öwrülip ýazgy etdirmedi. Onuň radiodaky iň soňky ýazgysy «Garyp» diýen aýdymydy. Şo uçurlar onuň aýdan üç-dört sany ýazgysy hem gürüm jürüm edilipdi. Buda oňa gaty ýokuş degipdi. Ýöne ölmezinden birki ýyl öň kimdir birine onuň gatnaşmagynda awtorlyk konsertiniň ýazgysyny etmek başardypdy. Oňa ussat gyjakçy Sapar Işangulyýew bilen halypa Ýagmyr Nurgeldiýew sazandarlyk edipdi.

Alyhan Ökdirow: — Altmyşynjy ýyllaryň ahyrlary bolsa gerek, Döwletgeldä at bermek hakdaky dokumentler, şo döwürlerde atlandyrylyşy ýaly «gupbaly jaýa» — TKP MKa barýar. Olam guýa gaçan ýaly boldy.
Soň biz iki dogan bolup Mopr köçesinden ýöräp gelýärdik weli, öňümizden öň «birinji» bolup işlän ýaşuly adam çykdy. Döwletgeldi şonda edep bilen:
— Essalawmaleýkim, pylan aga — diýip, onuň bilen gadyrly gö

rüşdi. Men sesimi çykarmadym. Ýaşuly Döwletgeldiň elini goýberenok. «Oglum» diýip ýüzlenýär.
— Men seň kakaň bilen bile okadym. Şu ömrümde bir goýberen ýalňyşlygym üçin özözümi bagyşlap bilmen — diýdi.
Döwletgeldi:
— Nämüçin? — diýip sorasa, ol:
— Men biriniň gepine gidip saňa at berdirmedim. Gaty ýalňyşan ekenim — diýdi. Döwletgeldi şonda:
— Pylan aga — diýdi — maňa kakamyň dakan ady bes. Başga maňa zat gerek däl. Onsoňam siz halk üçin uly işleri bitiren adam. Her öňünden çykandan ötünç sorap ýörmek size gelişjek zat däl. Janyňyz sag bolsun. At bereniň bilen hakyky bagşy bolup bolanok. Öňürti halkyň bagşysy bolmaly. Soň halk bagşysy diýen ady berseňem bolar. Baran ýerimde «Bir aýdym aýdyp ber» diýip haýyş edýärler. Şo meň üçin uly bagt — diýdi. O ýaşulam:
— Men o zatlara düşünýän. Ýöne men gepe gitdim. Indi men halkyň içine geldim. Halka aralaşdym. Hemme zada düşünýän — diýdi.
Ýaşulyň näçe ýyldan soň öz ýalňyşyny boýun almagy mertligiň alamatydy.
Altmyşynjy ýyllaryň başlarynda her gün diýen ýaly radioda «Namanganyň almasy» diýen özbek aýdymyny aýtdyrmak ýoň bolupdy. Döwletgeldide şonda: «Türkmeniňem datly miwesi ýok däl-ä. Nämüçin Sumbaryň nary hakda aýdym döretmeli däl» diýen pikir döredi. Uzaklaşdyrmanam şahyr Meretguly Garryýewiň sözlerine «Sumbaryň nary» atly aýdymy döredipdi. Ol örän şowly çykypdy. Halkyň söýgüli aýdymyna öwrüldi. Döwletgeldi şo wagt aspirantdy.

* * *

Şeýle bir döwür boldy, (altmyşynjy ýyllaryň başy bolsa gerek) Gyzylarbat bilen Garrygala raýonlaryny birikdirdiler. Döwletgeldiň döreden «Pyragyny gören daglar» diýen aýdymy şo döwürräkde döredi. Şondan kän wagt geçmändi, Garrygala ýene-de özbaşyna raýon edilipdi. Edil muňa her gün radioda gaýtalanyp duran «Garrygala myhman barsaň…» diýen aýdym setiri ýardam

beren ýaly boldy.
Şo günleriň birinde Döwletgeldi iş komandirowkasy bilen Gyzylarbat, Garrygala topar raýonlaryna aýlanmaly bolupdy. «Döwletgeldi gelýärmiş» diýen habary eşiden garrygalaly mugallymlar ýoluň gaty ýaramazdygyna garamazdan, kireýine maşyn tutup, Gyzylarbatda onuň öňünden çykýarlar. Döwletgeldini gujaklap, «Garrygalaň adyny arşa göterdiň» diýip, mugallymlar begençlerini beýan edýärdiler.

* * *

Alyhan Ökdirow: — Elli dokuzynjy ýylda, birinji kursda oka ýardym. Döwletgeldiň ýanyna günde bolmasada, iki günde bir ge zek barýardym. Bir gezek barsam, umumyýatakhanada ýaşaýan otagynda dost-ýarlary Döwletgeldä «Ýör gideli-de, ýör gideli» bolşup otyrlar. Döwletgeldiňem keýpi ýok. «Ýaramok» diýip sypjak bolýar. Bäherdeniň Akdepe obasynda toý bar eken. Etmedi. Oglanlaryň biri «Döwletgeldi, o ýere senden başga-da Syganam barýar» diýdi. «O nähili Sygan bagşy. Aldaňzokmy?» diýip janygyp başlady. Ol geýinmek bilen boldy. Maňa-da «Gideli» diýdi. Gitdik. Münüp barýan «Pobeda» maşynymyz bir obaň deňinde, tut agajynyň aşagynda saklandy, «Şo ýerde garaşyň» diýip, ozal gürleşilen eken. Döwletgeldem Sygany ozal görenok, Syganam Döwletgeldini. Döwür gurap otyrys weli, şonda ýigitleriň biri «Hany, Döwletgeldi Ökdirow gelýä» diýip aýtdyňyz «Meni aldadyňyzmy?» diýdi. «Ynha Döwletgeldi» diýip görkezdiler. Şonda olar bir-biri bilen ýamaşgandan gadyrly görüşdiler. Şonda Sygan bagşy Döwletgeldä «Döwjan» diýip ýüzlenýärdi. Onuň hoş owazy hakda öwgüli sözleri aýtdy.
Soň ölmezinden sähel öň Döwletgeldi bilen Sygan bagşynyň bir gürrüňiniň şaýady boldum. Toýdady. Döwletgeldi oňa «Halypa» diýip ýüzlenýärdi. Şonda Sygan bagşy:
— Döwjan, sen maňa «halypa, halypa» diýýäň weli, men aýdan aýdymlarymyň birinem aýdaňoga — diýdi. — Sen menden näme öwrendiň?
Döwletgeldi oňa jogap «Bidert ýarym» bilen «Orazymy» aýtdy. «Bidert ýarymy» şeýle bir aýdandyr weli, hoşuňa gelsin. Saňa

ýalan maňa çyn, öňünden bir Baýjubawra, hindi bolup, owaz edip, dagdan daga çykyp, aýlanyp, «Men saňa aşygam» diýip, onsoň başlady. Bokurdagyny şeýle bir endireme endiretdi, märekäň sesine suw sepilen ýaly boldy. Bir adamdan ses çyksyn-da.

Aýdyp gutardy weli, Orazgeldi ýerinden turup, Döwletgeldini bir gujaklandyr-ow, «Döwjan, Döwjan» diýýär. «Döwjan, bokurdagyňda gudrat bar» diýdi. Döwletgeldi «Wah, halypa, oňa sen düşünýäň. Halka nähili düşündirmeli?» diýdi. Onuň beýle diýdigi, halka özüňi ykrar etdirmek üçin entek köp çorba sowatmaly diýdigidi. Orazgeldi Ylýasyň:

– Döwjan, indi sen maňa halypa diýip durma, seň özüň halypalyga ýetipsiň – diýip, aýdan sözleri şu günki ýaly ýadymda.

Döwletgeldiň üçi güni maňa «Seni bir ýaşuly çagyrýar» diýdiler. Barsam, tapçanyň üstünde bir ýaşuly otyr. Ýüzi keselbendräk. Saglyk-amanlyk soraşdyk. «Pürli Saryň doganoglany Gutlymyrat» diýip, özüni tanatdy.

– Meň häzir ýarawymyň ugry ýok. Ýöne bi şum habary eşidip, Ymaratdan birtopar bolup geldik. Nesibämizdir-dä, toýuna gelmän, aýadyna gelmeli bolduk – diýip, öz ýürek gynanjyny beýan etdi. Soň ol maňa:

– Saňa Pürli bilen öz aramda bolan bir gürrüňi aýdyp berjek – diýdi. – Şu gürrüň ölmesin, galsyn. Pürli altmyşynjy ýyllarda gezmäge biziňkä – Ymarada geldi. Soň Bama geldik. Şonda men ondan «Il arasynda Pürli Sarydan Döwletgeldi Ökdir pata alypdyr» diýen ýaly gürrüň eşidýän. Ugrunda barmydyr?» diýip soradym. Pürli aslyndada geplemezek. Agras adam. Gürlemän, keçäni sypalapsypalap, diýjek sözüni jemläp, eline çaýly käsesini alyp: «Döwletgeldi hem ýagşydyr, hem bagşydyr» – diýdi – diýip, Gutlymyrat aga aýtdy. Ýatan ýeri ýagty bolsun, soň olam pahyr boldy.

Döwletgeldi başyna inen agyr derdi mert çekdi. Onuň elli ýaşy doldy. Şondanam keselhanada ýatmaly boldy. Daýanmady. Şonda ol maňa:– Alyhan jan, men-ä gidýän – diýdi.

– Beýle diýme. Enşalla sagalarsyň. Entek näçe aýdymyň bar, oglan olary nätmeli? – diýip, oňa göwünlik berdim.

– Olary seň özüň tabşyrarsyň. Senem ýetişseň – diýdi. – Ýöne «Gözellerden zyýada» bilen «Bedewlerden saýlanarsyň» diýen aýdymlaryny hökman halka ýeter ýaly et – diýdi.
– Bulary özüň aýdarsyň, Döwletgeldi!
– Aý, näbileýin-dä!..
Ýaňy aýdyşym ýaly, Döwletgeldi derdini mert çekdi. Ýöne deň-duşlary, bile okanlary ýygnanyşyp soramaga gelenlerinde birje gezek gözüne ýaş aýlady. Şonda men:
– Döwletgeldi mert bol – diýdim. Olam:
– Mertdirin gardaş – diýdi.
Ol köp gürleýän adamy halamazdy. Ýüzüne sereder oturardy. Döwletgeldi hiç wagt adamyň kem ýerini gözlemezdi. Ony ýüzüne de aýtmazdy. Aýdaýandada gaty sypaýylyk bilen aýdardy. Adamyň göwnüne degmejek bolýardy. Döwletgeldi uniwersitetde okanda iň ýokary personal stipendiýany alýardy. Ynansaňyz, şo puluň deň bir bölegini ol her aý oba – kakamyň adyna iberýärdi.
Halal zähmeti bilen maşgalasyny ekledi. Iller maşyn satyn al ýandyr. «Tüweleme, maşynyň gutly bolsun» diýer. Olam aýlygyndan kemäp, maşyn aljak bolup ýygnaýandyr. «Moskwiç» maşynyň ba hasy şo wagtlar dört müň sekiz ýüz manatdy. Dört müň bäş ýüz ma nat ýygnap, maşyn aljak wagty, onuň bahasy bäş müň dokuz ýüz boldy. Ýene ýygnap ugrady. Bäş müň alty ýüz manat ýygnanda, ma şynyň bahasy ýedi müň üç ýüz boldy. Şeýdip wöp wagtlap yzyndan ýetibilmänjik gitdi. Ahyr soň segsen ikinji ýylda «Moskwiç» ma şynyny satyn aldy.
Onda hiç hili täjirlik ýokdy. Bir mysal aýdaýyn: bir gezek iki gardaş bolup Garawul obasyna bardyk. Tanşymyz Barataýynyň öýünde myhmançylykda otyrkak biri gelip: «Döwletgeldi, seni pylanyň toýuna çagyrýarlar» diýip, çakylyk edip gitdi. Gyzyklanyp görsem, toý edýän biziň goňşy obamyzda ýaşaýan Hojaly tebibiň garyndaşy bolup çykdy. Men şonda Döwletgeldiň toýa barmagy parz diýdim. Ol tebip çagaka Döwletgeldini ýylan çakanda, arabaň aşagynda galyp, iki eliniň, aýaklarynyň süňki döwlende diri alyp galan adamdy. Muny men oňa ýatlatdym.
Döwletgeldi şo toýa gatnaşdam, höwes bilen aýdymam aýtdy. «Zülpüň» aýdymynyň bir özüni telim gezek gaýtalatdylar. Mahlasy şo toýda onuň aýdymy üçin bäş müň manat dagy

ýygnanypdy. O wagtyňam bir manady bir manat wagty. Döwletgeldi şo puly «Toýa menden goşant» diýip, peşgeş berdi.

* * *

Döwletgeldi öz dost-ýarlary, tanyş-bilişleri bilen elli ýaşynyň toýuny toýlapdy. Emma şondan birküç aý geçenden soň men onuň näsagdygyny eşitdim.
Krasnyý Krestiň 2-nji terapewt bölüminde, on birinji palatada eken. Barsam, ýanynda iki sany oglan. Gaty horlanypdyr. Tanar ýaly bolmandyr. Kesel juda agyr bolmaga çemeli. Saglykamanlyk soraşdyk. Şondan birki gün öň meniň işleýän «Edebiýat we sungat» gazetinde Döwletgeldi hakda Setdar Garajaýewiň oňat ýazan makalasam çap edilipdi. Makalanyň bir ýerinde nätakyklyk gidendigini, özüne Hally bagşynyň däl-de, Muhy bagşynyň pata berendigini aýtdy.
Bu hakda düýn onuň wraçy maňa Döwletgeldiniň haýyşy boýunça jaň edýändigini aýdypdy. Men Döwletgeldä indiki sanymyzda makaladaky nätakyklyga düzediş berýändigimizi aýtdym.
Şol gün men Döwletgeldiň ýanynda ep-esli oturypdyryn. Hoşlaşyp turjak bolan wagtym ol:
– Ýegen, (ol maňa hemişe şeýle diýip ýüzlenýärdi. Eýsem-de bolsa biz onuň bilen daýy-ýegendik) senden bir haýyş. Golaýlap gelýär – diýdi. Men düşünmän «näme?» diýip soradym. Ol birsalym kellesinde pikir aýlap:
– Halk magaryfyna hödürlediler. Dokumentler raýkomda ýatyr. Şo çyksa, suratym bilen söýgüli bagşymyz diýen ýaly habar ber – diýip ýylgyrdy.
Şo wagtam palata ýaş wraç oglan girdi. Şonda Döwletgeldi wraça garap:
– Men saňa bir sekret aýdaýyn – diýdi. Çepime ýatsam, sag tarapymda gyzgynlyk, sagyma ýatsam-da çepimde gyzgynlyk emele gelýär.Wraç ýigit:
– Döwletgeldi aga, muny bilip goýaýmaly – diýdi.
Şondan kän wagt geçmänkä-de Döwletgeldi birinji nomerli ýokary mekdebiň at gazanan mugallymy diýen at berildi.
Bu şeýle bolupdyr: şo wagtlarda haýsydyr bir şanly waka bilen

baglanyşykly hökümet konsertine Saparmyrat Ataýewiç Nyýazowyň özi hem gatnaşypdyr. Şonda Döwletgeldi Ökdirowyň «Pyragyny gören daglar» atly aýdymy aýdylýar. Şonda onuň dostlary Tirkiş Jumageldiýew bilen Nazar Gullaýew ikisi Döwletgeldiniň agyr ýagdaýda ýatandygyny aýdýarlar. «Ady hödürlenenine näçe wagt geçse-de dokumentleri ýatyr» diýip, pursatdan peýdalanyp Saparmyrat Ataýewiçe habar berýärler. Saparmyrat Ataýewiç şo bada TKP MK-nyň bölüm müdirine tabşyryk berýär. Şondan kän bir wagt geçmänem Döwletgeldä at berildi. Eger-de Saparmyrat Ataýewiç Nyýazowyň hemaýaty bolmadyk bolanlygynda, belki-de Döwletgeldi özüne beriljek ady görmese-de görmezdi.
Biz «Edebiýat we sungatda» Döwletgeldiň öz haýyş edişi ýaly edip, täze ady bilen gutladyk. Ony şo günler öýüne getiripdiler. Irden men ýüzümiň ugruna hem Döwletgeldini soraryn, hemem gazete bermek üçin suratyny alaryn diýip öýüne sowuldym. Barsam Ökdir aganyň ady goýlan ogly kakasynyň aýaklaryny owkalap oturan ekeni. Aýaly Ogultäç gelneje «Allaýar geldi» diýensoň, ol «Geliber ýegen» diýip, çasly seslendi. Onuň ýagdaýynyň peselip ugrandygy indi onuň ýüz-gözünden has-da mesemälimdi. Ol şonda nämüçindir çagalygyny, gören horluklaryny ýatlady.
— Horluk kän görlendir, ýegen — diýdi. Biz oglan wagtymyz matadan köwüş bordy. Şony kakam ikimiz gezekleşip geýerdik. Gar ýagan güni men mekdebe geýip giderdim — diýdi. Biraz dymyp, ol ýene-de gürläp başlady:
— Oglanlar gelip: «Näme göwnüň isleýär. Tapaly» diýýärler. Menem «Tapyp bilmersiňiz» diýýän. «Aýt-da, aýt» boluşýarlar. Menem:
"Keýik almajygyny iýesim gelýär" diýýän. Nireden tapsynlar? Ol aprelde bişýär. Gaty tagamly. Agzyňda eräp gidýär. Ýegen dagda bitýän keýik almajygyny iýip görüpmidiň? — diýdi. Menem:
— Ýok — diýip jogap berdim. Sesini çykarmady. «Ýok» diýip beren jogabyma özüm utandym. «Sendenem bir dagly bolaýşyny» — diýip, öz-özüme degdim.
Men şo pursat Döwletgeldiniň hor-homsy geçen çagalygyna, ömürboýy wasp etdigi keremli daglaryň goýnuna dolanasynyň gelýändigini aňdym. Ýöne onuň hiç haçan o daglary görüp

bilmejekdigini, çar pasly baharly Könekesire gaýdyp gözi düşmejekdigini o wagtlar näbileýin!
Onuň surat albomyndan iki sany suratyny saýladyk. Biri göwnüne ýarady. Ony men alyp gaýtdym. Gazet çykan gününiň agşamy men Döwletgeldiň ýanyna bardym. Ugry ýok. Sakgalyny hem syrmansoň, ol has-da perişan ýagdaýdady. Men oňa ertir ýaýramaly «Edebiýat we sungat» gazetiniň heniz sehiň ysam gitmedik täze sanyny görkezdim. Ol öz suraty ýerleşdirilen «Sylagyň mübärek bolsun» diýen habary okady. Soň uludan demini aldy.
– Sag bol, ýegen! – diýdi. Şol gün men Döwletgeldiň ýanynda kän oturman, hoşlaşyp durkam:
– Suraty getirmediňmi? – diýdi.
– Getirin daýy! – diýdim. Çagalarynyň weli onuň suraty çykan gazeti görüp begenişleriniň çeniçaky ýokdy. Şol hoşlaşyk hem biziň soňky hoşlaşygymyz eken. Kän salym geçmänem, has takygy, tog sanynjy ýylyň 2-nji ýanwar güni, ol elli bir ýaşynyň içinde bakyýete gidipdi.
Şol gün türkmen halky öz saýrak bilbilinden jyda düşüpdi. Ony jaýlamak üçin Köşiň baýryndaky gonamçylyga gaty köp millet ýygnanypdy.

1991 ý.

Aýdym-saz sungaty